# Remezan aýy we oraza

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Remezan aýy we oraza REMEZAN AÝY WE ORAZA

Remezan aýynyň Kuran aýy bolmagy bilen bir hatarda juda ähmiýetli aýratynlygy-da ynsan nebsiniň iň möhüm terbiýeleýiş usuly bolan orazanyň (agzyňy beklemegiň) bu aýda part kylynmagydyr. Ýagny, Remezan – hem Kuran, hem oraza aýydyr. Türk alymy Bediüzzaman Nursy orazanyň başga aýlarda däl-de, Remezanda parz kylynmagynyň hikmetini şu sözler bilen düşündirýär: Kuranyň inip başlan Remezan aýynda Kurany täzeden inýän ýaly diňlemäge taýýar hala gelmek üçin haýwany isleg-höweslerden syýrylyp, belli bir derejede perişdeleşip, şol aýy iň gowy ýagdaýda iň gowy ruhy halda geçirmek hem-de Kuranda iň gowy şekilde peýdalanmak üçin oraza emredilipdir. Hadys Kurany ýa Jenaby-Hakdan, ýa Jebraýyl perişdeden (a.s) ýa-da Hezreti Pygamberimizden (s.a.w) diňleýän ýaly iň mukaddes duýgulara gark bolup diňlemegi sargaýar.
Kurany-Kerimde «Oraza sizden öňki ymmatlara parz bolşy ýaly, size-de parz kylyndy» diýilýär. Namaz ýaly jümle ymmatlara parz kylynylan oraza ybadatynyň elbetde örän uly hikmeti, peýdalary we fazylatlary bar. Birnäçe hadyslarxa bu barada aýdylyp geçilipdir. Ymam Gazalynyň «Ihýa» eserinde Pygamberimiziň (s.a.w) «Oraza sabryň ýarpysydyr» we «Sabyr imanyň ýarpysydyr» hadyslaryna salgylanyp, «Oraza imanyň dörtden biridir» diýmek bilen orazanyň iňňän uly ähmiýetini nygtap geçýär. Başga bir meşhur hadysda "İman kyrk bölek şahadyr» diýlenini ýada salsak, orazanyň dinimizdäki iňňän wajyp ornunyň bardygyna göz ýetirmek mümkin.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.